# Mähriban eje

Category: Kitapcy,Oýlanmalar,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Mähriban eje

MÄHRIBAN EJE

Ynsany bina edýän,ýaşaýşy döredýän,ýyly mähri bilen dünýäni gurşap alýan,kalby senaly,dilleri dogaly mähriban enelerdir.Adamyñ gadyr-gymmatyny onuñ ejesine,enesine goýýan hormat-sarpasyndan añyp bolarmyka diýýän.Kerim šahyryñ:

Bašyña müñ bela gelermiš agšam,
Birje sapar agladaýsañ ejeñi.

Diýip gaty dogry belläp geçýär.Bu bolsa mähriban käbelerimiziñ Beýik Allatagalla ýakynlygyndan alamat bolup biler.
Eje! Bu söz nähili mähriban,kalba ganat beriji söz bolup ešdilýär.Bu sözi nähili edip okanyñda-da šol bir manyny üýtgöwsizligine jogap berýär" Eje" sözünde gudratly güýjiñ,egsilmez söýginiñ synmaz mährini duýýasryñ.
Mähriban Käbäm! Seniñ barlygyñda özümi iñ bagtly ynsanlardandygymy işde,öýde ýa-da islendik ýerde bolanymda-da seniñ mähriñi maña bolan egsilmez güýç berýän,söýgiñi duýýan.Sebäbi enäniñ mährini hiç bir zat bilen deñäre esas döreteýär.

Ejejan! Käte atamöýmüze baranymda meni nirede oturtjagyñy bilmän, daşymda hozanak boluşuñy ýa-da meniñ her bir aýdýan gürrüñlerimi diñläp, guwanyp,begenip, mähirden doly gözleriñi güldürip bakañda,maña bolan çäksiz söýginiñ alamatyny duýan käbäm . Men bolsa şonda, seniñ söýgiñe jogap edip,"maña bolan ynamyñy ödäp bildimmikäm?" diýen soragy gaýtalaýan içimden.Bu bolsa seniñ öwüt-ündewleriñ,maña durmuş mekdebi,edep-terbiýäñ bilen bagly bolan düšünjelerdir.Seniñ zenan mašgalada bolan ähli oñat gylyk-häsiýetleri bize ýol ýörelge edip öwredenligiñdedir.Sen aýdardyñ" zenan mašgala ,mašgalañ diregi onuñ tugydyr.Hemiše saña geçirimlilik,sadalyk,asyllylyk,arassaçylyk gelišýändir.Bu

häsiýetler zenan mašgalany bezeýän häsiýetler bolmak bilen, edep-terbiýäniñ özenidir.Baran öýiñ ody bilen girip,küli bilen çykmalysyñ.Çagalaryñy bolsa elmydama mähir,söýgi bilen gurşap al,olaryñ diline diñe sen düşünmelisiñ.Çaga terbiýäni ejeden alýandyr "diýerdiň .Ýene-de maña hemiše diýýän sözleriñ" Durmušuñ ýoly hemiše gowluk bolup durmaz,kynçylykly pursatlarda-da başyñy belent tut.Hiç wagt sussypeslige ýol bermegin" diýýärsiñ. Šonuñ üçinem, siz meniñ arka daýanjym,ruhy hemaýatçymsyñ.

Adamyñ ryhy belent bolanda,almajak galasy,ýetip bilmejek menzilleri bolmaz ekeni,men muña anyk göz ýerdim.

Elbetde, kakamjanyñam ,jigilermiñem meni oñat görýändiklerini duýýan ,bilýänem.Ýöne meniñ içki dünýämi gözlerimden okap,ýürejigiñ bilen duýup duran senä ahyryn…

Öñde-de biriniñ " gowluklar adamyñ ömrüni uzaldýar" diýip aýdyšy ýaly,elbetde meniñem saña ömrüñi uzaltjak derejede diñe gowluk eçilip bilýän bolsadym,onda hemiše seniñ isleýšiñ ýaly bolmana çalšardym.

Meniñ ýekeje arzuwym, hemiše ýylgyryp gezmegiñ, gowy günlerimize guwanyp ýašamagyñ,bize elmydama ruhy egsilmejek mähir paýlap uzak ýašamagyñ!

Enäñ huzurunda başyñ egmeli,
Olary mukaddes saýmaly hökman.
Haýyşym:
mähriban enäñ ýüregin,
Hiç haçan,hiç haçan, ynjytman saklañ!

Bilbil KAKABAÝEWA.

Oýlanmalar